# Gözüm düşdi

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gözüm düşdi

GÖZÜM DÜŞDI

Men bu gün säher oýanyp, çykdym lälezarlyga,
Depäm üste ümmülmez gümmeze gözüm düşdi.
Bu äleme guwandym, guwandym men barlyga,
Ýylda solup, baky solmaz güllere gözüm düşdi.

Güýzüň agras köçesinde ýaprak kowlaýar şemal,
Men onuň waspyn edipler tapmak isledim wysal,
Ýüz sowal wysalyn tapdym, galdy ýene müň sowal,
Sowal-jogapsyz ýören, dil bilmeze gözüm düşdi.

El-aýaksyz, merdiwansyz bulduň göge galyşy,
Gunçalaryň açylyşy, ter gülleriň soluşy,
Tebigatyň şu ajaýyp, baky sazy çalyşy, –
Bizi üwrän sallançaga, düzlere gözüm düşdi.

El hünäri il gezermiş, aň hünäri Dünýäni!
Sen Watansyz hasap etme gonup-göçen durnany,
Onuň üçin serhet bolmaz, ol dünýäň bendiwany…
Bir-birine gollar beren illere gözüm düşdi.

Eger seniň köňül içre bolmasa hoş sözleriň,
Sen ony öten ärleriň diwanyndan gözlegin,
Çünki bizden soňky döwre dikip baky gözlerin,
Biziň hoş sözlere mätäç günlere gözüm düşdi.

Gurbannazar EZIZOW.

Goşgular